# Samsa çawuş

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Samsa çawuş TARYHY ŞAHSYÝETLER -15:

▶ **SAMSA ÇAWUŞ**

*«Gurulyş. Osman» teleserialynda egnine böri kelleli möjek derisi aýlanan pişge murtly daýaw pyýada köpleriň ünsüni çeken bolsa gerek. Ärtogrul Gazynyň ýakyn dosty bolan bu edermen türkmen ýigidiniň ady Samsa çawuş bolup, ol Ärtogrul beg aradan çykansoňam, esli ýyllap Osman Gazydyr onuň ogly Orhan Gaza wepaly gulluk edipdir. Ady geçen teleserialda Samsa çawuşyň obrazyny Ysmaýyl Hakky Ürün, «Direliş. Ärtogrul» teleserialynda bolsa Melih Özdogan janlandyrýar. Ýöne «Direliş. Ärtogrulyň» 101-nji bölüminde Samsa alp Titan tarapyndan öldürilýär.*

■ **Samsa çawuş kim bolupdyr?**

Osmanly döwletiniň gurulyşyna giden ýolda ilkinji ädimleri äden Ärtogrul Gazy bu ýolda özüne birgiden wepaly dost edinipdir. Ol merdana ýigitleriň gujur-gaýraty, tutanýerliligi netijesinde türkmenleriň gaýy boýy az wagtyň içinde kuwwatly döwlete öwrülipdir. Taryhy çeşmeler arkaly atlary bize gelip ýeten jigitlerden iň meşhurlary Goňur alp, Turgut alp, Akja goja, Aýkut Alp, Abdyrahman alp we Samsa çawuş dagylardyr.
Samsa alp osmanly türkmen taryhynda ilkinji bolup «çawuş» çinini ulanan alpdyr. Samsa çawuşyň maşgalasy we tiresi inegölli rumlaryň eden-etdiliklerinden ýadansoň Söwüdi terk edip Mudurny sebitlerine göç edýär. Ýöne olar gaýy boýuna bolan tabynlygyny saklapdyrlar.
Osman beg Sarygaýa ýörişine çykanda peder dosty Samsa çawuş bilen gabatlaşýar. Çawuş Osman Gaza elinden gelen kömegini gaýgyrmandyr. Sebiti bäş barmagy ýaly bilýän Samsa çawuş iň gysga ýollary, ol ýerleriň gowşak nokatlaryny Osman Gaza salgy berendigi üçin ýeňiş aňsatlyk bilen gazanylýar.

Osman Gazy Sarygaýa ýeňşinden on ýedi ýyl geçensoñ Sakarýa ýörişine çykýar. Bu ýörişde-de Samsa çawuşyñ hyzmaty uly bolupdyr. Lefkä we Çadyrla baranlarynda her iki galanyñ tekfury-da aman diläp galanyñ açarlaryny Osman Gazynyñ eline getirip berýärler.

Samsa çawuş täze eýelenen bu iki galanyñ häkimligini etmek isleýär. Emma Osman Gazy onuñ bu talabyna garşy gidipdir. Şonda ol çawuş dostuna şeýle diýipdir:

– Seniñ munyñ dogry hereket däl. Eger biz boýun sunanlaryñ mal-mülküni elinden alsak, hiç kim bize ytagat etmez. Onsoñ biz dowamly urşup ýörmäge mejbur bolarys.

Elbetde, Osman Gazy mährem çawuşyny-da nägile etmändir. Oña Ýenişehir sebitlerindäki bir galany berip, dostunyñ göwnüni tapypdyr.

Ynha, diñe şunuñ özem Osmanly döwletiniñ nähili adalatly bolandygyny görkezýär. Aman diläp boýun sunan duşmanyñ janyny, malyny, galasyny özüne bagyşlan näçe hökümdar barka bu dünýäde?!.

Samsa çawuş 1330-nji ýylda Wizantiýa bilen Osmanlynyñ arasyndaky Pelekanon meýdan söweşinden kän wagt geçmänkä aradan çykypdyr. Onuñ gabyry häzirki Türkiýäniñ Mudurna golaý Hajy Musalar obasyndadyr.

@ Kitapçylar. Taryhy şahslar